# Medeniýet we söweş

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Medeniýet we söweş MEDENIÝET WE SÖWEŞ

Mesopotamiýa – grek dilinde «Iki derýanyň aralygyndaky ýer» diýmekligi aňladýar, bu ýerler Basradan günorta Toroslara, Eýrana çenli uzalyp gidýän, astyndanam, üstündenem dür önýän bereketli ýerlerdir.
Adamzadyň taryhy Mesopotamiýada başlaýar. Ilkinji medeniýet, ilkinji synpy jemgyýet, ilkinji synpy göreşler bu ýerlerde başlady. Bu medeniýetiň başyny başlan şumerler ilkinji bolup ýeri işläp bejermegi, däneli ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegi, eklenji medeniýete öwürmegi başaran adamlardyr. Basra bogazyndan günorta Toroslara we Ortaýer deňzine çenli aralykda, ýagny bütin Mesopotamiýada agalyk sürmek arzuwy we taryhyň ilkinji harby diktatory Elamly Sargon Akkadskiniň talaňçylykly çozuşlary olaryň guran negözel medeniýetlerini weýran etdi. Dört müň ýedi ýüz ýyl öň bolup geçen bu söweş taryhyň ilkinji söweşi hasaplanýar. Ilkinji medeniýet we medeniýetiň üstüne edilen hüjüm bu ýerlerde başlanýar. Özem entek nebit diýlen zadyň ady-eseri ýokka. Bu söweş taryhda çeken zähmetiniň miwesini görüp, bol-elin ýaşaýan jemgyýetiň agzyndaky çöregini we elindäki baýlygyny kakyp almak maksady bilen edilen talaňçylykly çozuşyň ilkinji mysaly bolup durýar.
Mesopotamiýa – ähli kitaply we kitapsyz pygamberleriň, öwlüýädir-welileriň ata watanyna goňşudyr. Din ugrunda gandöküşikli uruşlaryň bolup geçen, yňdarmalygyň şanyna ser berilen, bilmek bilen ynanmagyň arasynda ynanmagy dogry hasaplan adamlaryň ýaşan ýerleridir bu ýerler.
Ýaşytdaşlary jahana we ýaşaýyşa şekil berip ýörkäler, olaryň biri-birlerini «Allahu ekber» diýip damagyny çalýan, edýän günälerine Taňryny galkan edinýän ýa-da edýän etmişleriniň näderejede gabahatdygyny bilýändikleri üçin Allany ýada salmazlyga çalyşýan, ýaşlygyny we çagalygyny ýitiren adamlaryň watanydyr bu ýerler.

Mesopotamiýa – doglup, ýöne arkaýyn ölüp bolmaýan ýerlerdir.
Mesopotamiýa – gözüñi gamaşdyrýan şäherleriñ gözüñi gamaşdyrýan salonlarynda içilen bir owurt gyrmyzy şerapdaky gandyr, bir çemçe ikradyr.
Mesopotamiýa – dört müñ ýedi ýüz ýyl owal başlan urşuñ häzirem dowam edýän we bilmekdir ynanmagyñ arasyndaky ornuny seljerip bilýänçä, agramyna gelişýän şekilde adam sypatly adam bolup ýaşaýança, adalatly durmuşy berkarar edýänçä entek-entekler birgiden uruşlaryñ dowam etjek ýerleridir bu ýerler.
Mesopotamiýa – adamzat taryhynyñ özeni, siwilizasiýalar bilen, uruşlar bilen, gan bilen, şatlyk bilen, baýlyk we garyplyk bilen geçmişini we imperializmiñ paty-putusyny arkasyna alyp gaçmaga mejbur boljak azat gelejegidir bu ýerler.

Arif NAJAROGLY.

anacaroglu@evrensel.net Publisistika